# Tylla balyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Tylla balyk Gurbannazar EZIZOW

▶ TYLLA BALYK

Bardym kenaryna bulanyk derýañ,
Atdym girdabyna mekir çeññegi.
Irizdi gowgasy gowgaly dünýäñ,
Gazandym men diñe gysyr emgegi.

Galkan kimin gat-gat edip tolkunyñ,
Derýa menden baýlygyny gizledi.
Çeññek açyp däli derýañ gulpuny,
Meniñ arzuw hyýalymy gözledi.

Çeññege ildirip derýañ baýlygyn,
Kenara çykardym, synladym durdym,
Tapabilmän şol arzyly balygym,
Men olary ýene suwa goýberdim.

Agdardym, düñderdim derýa şalygyn,
Aw oñmady, gaýtam yzyma bakan.
Sen haýsy suwlarda, tylla balygym?
Ýa bireýýäm tutup goýberdimmikäm?! Goşgular